# Halkdan alan zadyňy halka gaýdyp bermeli

Category: Aýdym-saz sungaty,Goşgular,Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025

Halkdan alan zadyňy halka gaýdyp bermeli HALKDAN ALAN ZADYŇY HALKA GAÝDYP BERMELI



*(Gündelikden parça)*
02.07.2024 ý.

Ýaňy Döwletmyrat Ýazgulyýew elektron poçtasyndan soňky ýazan rubagylaryny we ýakynda Türkmenistanyň Gazagystanda geçirilen medeniýet günlerine gatnaşanda aýdymçy Gözel Öwezowa bagyşlap ýazan goşgusyny ugradypdyr. Dessine kitapçy saýtynda okyjylaryň dykgatyna ýetirildi. Yzýany özi-de jaň etdi.
Döwlet aga ýene öňki heňine tutdy. Bizde medeniýetimizi dünýä derejesinde tanadyp biljek talantly aýdymçylaryň bardygyny, ýöne häzire çenli ýazyjy-şahyrlarymyzyň içinde çeper

edebiýatymyzy dünýä çykaryp biljek ýekesiniñ ýokdugyny aýtdy. Dogrusy bu birtaraply pikiriñ jany ýogam däl. Meselem, meniñ özüm Akyş Saparowyñ estrada aýdymlarynyñ 99%-ni il ýüzüne tutarlygy ýok aýdymlar hasaplasam-da, «Ellerim bagly», ýa-da şahyr Aşyrguly Baýryýewiñ sözlerine döredilen «Razy men», ýa bolmasa Magtymgulynyñ sözlerine döredilen «Nahana geldiñ», «Pelege gardy meni» ýaly birküç sany aýdymyny onuñ öz derejesinde ýerine ýetirip biljek aýdymçy diñe öz ýurdumyzda däl, eýse dünýä boýunça-da bardyr öýdemok.

«Nahana geldiñ» aýdymynyñ sazy diýjekmi, solistiñ ýerine ýetiriş ussatlygy diýjekmi… Aýdar-goýar ýaly däl. Aýdym gowy bolanda, hem-de aýdymçysyna duşanda şol aýdym hakyky sungat eserine öwrülýär. Şonuñ üçinem umuman daşary ýurtlaryñ sazyna ýanalýan şama-şaýyrdy aýdymlaryny aýdýandygy üçin diñlärliginiñ ýokdugyna garamazdan, Kakyş Amandurdyýew ýaly bagşynyñ mikrofonynda «Nahana geldiñ» hiç kimiñ ýerine ýetirip bilmejek has başgaça ussatlygynda ýañlanýar.

Edebiýat ýa sungat bolsun, tapawudy ýok. Özümizi tanamak we bize berilýän hakyky bahany bilmek üçin aramyzdaky biri ýaly bolup däl-de, birsalym keseden durubam synlap göräýmeli.

Birnäçe ýyl mundan öñ tanyşlarymyñ biri Hazaryñ kenarynda gurlan Awaza dynç alyş zolagynda dünýä belli aýdymçylardan we goñşy doganlyk döwletleriñ medeniýet işgärlerinden düzülen konserte ýönekeý tomaşaçy bolup gatnaşandygyny gürrüñ beripdi. Şonda halk köpçüliginiñ Filip Kirkorow, Hadise ýaly dünýä belli aýdymçylar bilen surata düşmek üçin aralykda goýlan germawlary-da aşyp, hatda olaryñ daşynda gorag üçin goýlan adamlary-da depgiläp geçip gidendiklerini aýdypdy. Ýurdumyzda eýýäm on bäş-ýigrimi ýyla golaý wagt bäri giñden tanalýan we aýdymlary söýlüp diñlenýän Firuza Jumanyýazowa ýaly aýdymçynyñ ýanyna bolsa, bary-ýogy birküç sany gyz baryp surata düşüpdir. Tomaşaçylaryñ iñ öñdäki hatarynda oturan biziñ aýdymçylarymyza bolsa barmysyñ diýýänem ýok eken. Gaýtam tomaşaçylar olary depgiläp geçip gidipdir.



*Filip Kirkorow Türkmenistanda*

Şuña meñzeşräk epizoda özümem şaýat bolupdym. 2016-njy ýylda dünýä belli aýdymçylar Dima Bilan, ertesi Tarkan Aşgabatda konsert berdi. Ikisiniñ konsertine-de gatnaşypdym. Tarkanyñ konserti has şüweleñli boldy. Öñ hatarda durdum. Zaldaky diñleýjileriñ geçip bileniniñ germawdan geçip, Tarkan bilen surata düşjek boluşlaryny aýdybam durjak däl. Konserte gelen tomaşaçylaryñ ýediden ýetmişe hemmesi duran ýerlerinde aýdymçy bilen deñ aýdyma gygyrýardy.

Baý-ba! Sungat – hakyky sungat bolanda halky däli derýanyñ tolkunlary ýaly tolkundyrybam biljek eken-ä!



*Hadise Türkmenistanda*
Şonda bir kiçijik epizodda gözüm eglenipdi. Ýurdumyzda türk aýdymlaryny aýdyp, saç-sakgalyny-da türk aýdymçylaryňka meňzetjek bolup, adyny-da üýtgedip, şolaňka meňzeş atjagaz dakyp ýören aýdymçylaryň biri öň hatarda naýynjar halda duranam bolsa, hiç kim onuň ýüzüne seretjegem bolanokdy. Hatda ol türk aýdymlaryny men sizden has gowy bilýärin diýýän heňde, daşyndan seredende juda tagaşyksyz görünýän terzde özüni alyp barýardy. Özüne seretdirjek bolup, gözüni-gaşyny gelşiksiz oýnadýardy, it ýylgyrşyny edýärdi. Barybir onuň ýasama hereketlerine üns berýän ýokdy. Tomaşaçylaryň zordan döşüne ýetýän girdenek boýy-da munuň üstesine. Şonda meniň oňa nebsim agyrmak agyrypdy…

* * *

Togsanynjy ýyllarda, 2000-nji ýyllaryň başynda neşe belasy birgiden negözel bagşylarymyzyň başyna ýetdi.
Men Gyzylarbat, Garrygala töwereklerinde halk köpçüliginiň

merhum bagşy Röwşen Hallyýewi nähili diňleýändiklerine birnäçe gezek şaýat bolupdym.
Röwşen Hallyýew, Nurmuhammet Meredow ýaly hakdan içen aýdymçylaryň toýlarda aýdan aýdymlary soňam ýazgy edilip halkyň arasyna ýaýradylardy. Halkyň iň köp diňleýän aýdymlary bu iki bagşynyň toý ýazgylarydy, studiýalaryň iň geçginli ýazgysy şu iki aýdymçynyň aýdymlarydy. Balkan taraplarda-ha eline mikrofon alanlaryň arasynda şu boýunça Röwşen Hallyýewiň öňüne geçip biljegi ýokdy. Röwşen Hallyýew estrada saz gurallary bilen aýdylýan halk aýdymlarynyň idolydy! Ýogsam bolmasa, toýçulykda ýaş-ýeleňler tans oýnamaga, şatlanmaga ilgezikdir. Toýda Röwşen Hallyýew aýdýarmy… onda gep gutarýar! Ýaşlaryň birem nägilelik bildirmez. Barsy ýapyrylyp Röwşen neressäni diňlär oturardy. Halk onuň aýdýan yşky-liriki aýdymlarynda-da, harby-watançylyk we gahrymançylyk temasyndan aýdýan aýdymlarynda-da bagşy bilen deň kükreýärdi, gaýnap-joşýardy. Halk ony çokunarlyk derejesinde söýýärdi. Dogrusy, Röwşen Hallyýewem, Nurmuhammet Meredowam garyp-gasaryň bagşysydy. Elinde 100-150 dollar pulundan başga puly ýoklaram (häzirki wagtyň puly bilen hasaplanda 300-400 manada deňdi) bu iki bagşynyň gapysyny kakyp, ýygrylman ýagdaýyňy aýdyp bilseň, ikisi-de berlen pula razy bolup, hatda käbir ýerde mugtuna hem aýdyp goýberýärdi. Käbir pullysyraýan adamlar toýuna paýtagtdan delräk bagşyny hem getirýän wagtlary bolardy. Bir gezek Aşgabatdan 600 dollara tutulyp gelinen bagşyny gyzylarbatlylaryň daşlap toý prisepinden düşürendiklerini görüpdim. Bärde çyksa, toý eýesiniň puly çykýar. Hiç kimiň oňa dawasy ýok. Ýöne Röwşen Hallyýewiň gaýnadyp-gaýnadyp aýdýan aýdymlarynyň ruhy bilen ýaşaýan halk keseden getirilen bagşynyň sesini-de, özüni-de kabul edip bilenokdy. Halk arasynda bular ýaly bagşysumaklary ýaňsylap, «studiýa bagşylary» ýa-da «panorama bagşylar» diýilýärdi. Çünki olaryň arasynda Röwşen Hallyýew ýaly, Atabaý Çarygulyýew ýaly orta çykyp, öz sesi bilen aýdym aýdyp biljegi ýok diýen ýalydy.



*Röwşen Hallyýew*

Balkan ilinde Röwşen Hallyýewden öňki bagşylaryň nähilidigini biljek däl welin, şondan soň häzirki güne çenli onuň derejesine ýetip biljek bagşynyň bolmandygyny, indem boljagynyň gümanadygyny arkaýyn aýdyp bilerin.

Ýerine ýetiriş ussatlygy, ses tarapdan alanda, Ýazgulyýew bilen ylalaşýaryn. Bizde sesine telpek goýmaly ussat aýdymçylar ýoksuz däl. Olaryň arasynda Bally Hajyýew, Saba Artykow, Kakow Öwezow, Pälwan Halmyradow, Suhan Orazberdiýew, zenan aýdymçylardan Leýla Şadurdyýewa, Jemal Saparowa, Läle Begnazarowa, Bahar Hojaýewa, Maral Durdyýewa, Ogulbibi Reýimowa, Dursunjemal Gazakowa, Sahydursun Hojakowa ýaly aýdymçylaryň adyny tutmazlyk mümkin däl. Entek çaga ýaşdaky Aýmährem Akmyradowanyň ussatlygyna-ha aýdara sözem tapylanok. Meniň pikirimçe Aýmährem eýýämden biziň aýdymçylarymyzyň barsyndan ozdy, onuň islendik daşary ýurt aýdymyny hem säginmän, hatda käbir ýerlerde ony ilkinji ýerine ýetirendenem gowy ýerine ýetirip bilmegi, Aýmähremiň geljekde dünýä derejesinde tanaljak aýdymçy boljakdygyny buşlaýar.



*Aýmährem Akmyradowa*
Biziñ häzirki aýdym-saz sungatymyza gowy aýdymçy däl-de, gowy kompozitor ýetmezçilik edýär. Nury Halmämmedowlar, Aman Agajykowlar, Çary Nurymowlar, Weli Muhadowlar, Rejep Rejebowlar, Rejep Allaýarowlar, Baýram Hudaýnazarowlar… ýetmezçilik edýär. Ata Atajanow, Allaýar Çüriýew, Italmaz Nuryýew, Magtymguly Myşşyýew… ýaly türkmeniñ inçe damaryny yzarlap bilýän ussat şahyrlar ýetmezçilik edýär.
Bir mahallar Nury Halmämmedow bilen Gurbannazar Ezizowyñ Atageldi Garýagdyýewi aýdymçylar sürüsiniñ içinden çekip çykaryp, ony ajaýyp aýdymça öwrüşleri ýaly, döredijiligi sagdyn gowy bagşy hökmünde ile çykmak üçin aýdymçynyñ arkasynda hökman gowy kompozitor bilen gowy şahyryñ bolmalydygyny inkär edip biljek barmy?
Edil häzir aýdymçylaryñ sanynyñ iñ bolmanda üçden bir bölegiçe kompozitor nesliniñ bolmandygy üçinem sesi gaýnap duran we iñ gowy aýdymçy hasap edip biljeklerimizem halturaçylaryñ we plagiat aýdymçylaryñ hataryna goşulmaly bolýar.
Ýöne bütin bularyñ barsyndan beteri-de olaryñ aglabasy Röwşen Hallyýewdir Nurmuhammet Meredow ýaly garybyñ we halkyñ bagşysy bolmak pikirinden daşda. Olar halkdan üzñe. Belkäm, şoñ üçindir olaryñ arasynda restoran saýlap ýörenleri-de, sagadyna

ortaça aýlykly gullukçynyñ bir ýylda aljak aýlygyndanam köp pul talap edip ýörenleri-de bar.
Nurmuhammet Meredowyñ bir ýazgysyny görüpdim. Neresse şonda bir howluda, barduryñ gyrasynda aýdym aýdýardy. Geçip barýan ötegçileriñ iñ gyssanyp barýany-da oña gözi düşende, 5-10 minut ýaly säginip, aýdym diñleýärdi we soñ öz ýoluna gidýärdi. Diýmek, bagşy hakyky bagşy bolanda, ony ýoluñ gyrasynda aýtdyrmak beýlede dursun, hajathananyñ gyrasynda aýdyma gygyrtsañam, halk diñlejek eken!




*Nurmuhammet Meredow*
Meşhur halk bagşysy Nurberdi Gulowyñ obasynda ýoluñ ugrunda käte sagatlap muzdasyz saz çalyp oturandygy barada eşdipdim. Ondan näme üçin beýdýändigini sorasalar, «halkdan alan zadymy ýene halkyñ özüne bermän nämedeýin. Goý, öten-geçen diñlesin, lezzet alsyn» diýýän eken.
Dogry, gazanç hem etmeli, eklenç hem gerek. Şeý diýmek bilen biz häziriñ aýdymçylaryndan beýik Nurberdi Gulowyñ hereketlerine garaşamzok. Aýdymçylaryñam agzy bar, olaram iýmeli-içmeli, maşgala eklemeli. Pul hemmä-de gerek. Emma nebsiñi otukdyryp, çenden-çakdan çykybermek haýra alamat däl. Gerek ýerinde garyba-gasara, ýetime-ýesire mugtuna-da toýuny

sowup bilmeýän aýdymça aýdymçy diýesiňem gelenok.
Goýberjegiň diske öňden ýazgy edilen bäş-üç sany şama-şaýyrdy aýdym bolsa, munuň üçin gymmatbahaly restoranlary saýlap ýörmegiňem geregi ýok.
Halkyň arasynda saz döredip bilýän zehinli ýaşlar ýok däldir. Olary gözlemeli, tapmaly. Ýagşy Goşunowyň sosial mediýadan goýberilýän «Müňden biri» gepleşigi ýaly bir gepleşik ýaş kompozitorlary gözläp tapmak üçinem guralsa nähili gowy bolardy.

* * *

Gürrüňimiň başyna dolanyp geleýin. Eger ogurlyk aýdymlar bilen meşhurlyk gazanmagy hem bir hasap edip, ogurlap ýazmaýandyklaryna garamazdan, dünýä derejesinde meşhurlyk gazanyp bilmeýändikleri üçin ýazyjy-şahyrlarymyzy aýyplasak, belli bir derejede ýalňyşarys. Bu ullakan aýypdan ýazyjy-şahyrlarymyzam halas däl. Olaryň arasynda-da başga halklaryň edebiýatyndan tutuş bir romany, powesti kopiýalap alyp bilýänleriň az hem bolsa bardygyny aýtmak bolar. Hatda galamdaşynyň ýassykda hassa ýatandygyndan we onuň derman-därisine pulunyň ýetmeýändiginden peýdalanyp, ondan uly romany satyn alyp bilenleriň hem bardygyny gizläp oturmagyň hajaty ýok. Ýeri gelende olaryň kimdigi aýdylar. Kitapçy saýtynyň «Nukdaýnazar» sahypasynda şu meseleleriň üstünde durlup, birnäçe pikirler öň gozgalypdy. Şonuň üçin häzir olary gaýtalap oturmagyň hajaty ýok hasaplaýaryn. Aňlajak aňlaýar. Aňlamajaga bu zatlary müň gozganda-da peýda berenok.



*Nurberdi Gulow*

Döwletmyrat Ýazgulyýewiň bimamla ýerini şunda görýärin: Aýdym-saz sungaty sesli sungat, ganatly sungat. Bu sungaty bagşysy duşanda, bagşa-da kompozitory bilen şahyry duşanda halk köpçüliginiň hemme gatlagyna eşitdirmek we dünýä derejesine çykarmak onçakly kynam däl. Emma çeper edebiýatyň işi kyn. Ýazyjy gowy bolaýanda-da, ony edil ýazylan dilindäkisi ýaly görnüşde terjime etmek her eline galam alanyň başarjak işi däl. Terjime etmek – eseri täzeden ýazmak bilen deň. Hem çeper eser hemmetaraplaýyn kämil bolaýanda-da, ony halk köpçüliginiň hemme gatlagy okap baraýanok. Edil şu ýerde hem «Sungat – sungat üçindir» aýtgysy güýje girýär.

Dünýä medeniýetiniň sallançagy saýylýan London, Pariž, Wena, Rim ýaly dünýäniň iň uly şäherlerinde teatrlar gurlanda, tomaşaçy orunlary üçin şäher ilatynyň 2%-i göz öňüne tutulýar. Diýmek, halkyň hemme gatlagyndan teatr muşdaklygyna garaşylmaýar. Teatryň öz sferasy, öz gatlagy bolýar, şol hem teatryň ýerleşen ýeriniň ilatynyň 2%-ne deň. Teatra şondan köp adamyň gelmegine garaşmagyň özi manysyz. Sahnada görkezilýän spektakla ýöne bir oýna seredip oturan ýaly tomaşa edýän,

spektaklyñ artykmaçlyklaryna baha berip we kemter gaýdýan ýerlerini görkezip bilmeýän tomaşaçydan teatryñ zalyny dolduranda näme. Munuñ hem tomaşaçynyñ özüne, teatryñ režissýorlarydyr artistlerine jinnek ýaly peýdasynyñ boljagyny kim aýdyp biler?

Çeper edebiýat hem şolar ýaly. Halkyñ sowatly gatlagynyñ hem belli bir gatlagynyñ gyzyklanýan, olaryñam az sanly böleginiñ ýazyjy-şahyra, galan böleginiñem okyjy gatlagyna degişli edip boljak çaklañja böleginiñ birinjisiniñ intellektual taýdan has taýýarlykly bolmagy, çeper edebiýatyñ hemme meselelerinden baş çykaryp bilmegi, durmuşy içgin bilmegi, halkyñ aladasy ýatyp-turmagy, mahlasy sözüñ doly manysynda şahsyýet bolmagy gerek.

A aýdymçydan bolsa şahsyýete garaşyp bolmaýar. Aýdymçydan aýdym-saz sungatynyñ teoretigini hem ýasap bolmaz.

Olaryñ içinde sowatsyzy-da, neşekeşi-de, arakhory-da, şan-şöhrata we haýsydyr bir howaýy at-baýraklara kowalaşýany-da bolup biler, başga kemçilikleri-de. Emma hakyky bagşynyñ sesi bularyñ barsynyñ üstüni örtüp bilýär. Sesi ýañlanyp duran guýmagursak bagşa hossar (ýañam aýdyşym ýaly kompozitor bilen şahyr) duşanda, onuñ tanalman galmagy mümkin däl. Muña garamazdan şu kemçilikleriñ ýekesi ýazyjy-şahyrda bolsa, iş pyrryk. Ondan dünýä derejesine çykjak eser beýlede dursun, ony öz halkynyñ arasynda-da tanadyp biljek ibaly esere garaşyp bolmaýar. Sebäbi ol şahsyýet däl!

*(Aýdymçylaryñ, şowmenlerdir tamadalaryñ arkasyndan sosial mediýada bäşdir-üçdir a:m topbagyñ berekellasyna aldanyp özüne halk şahyrydyryn ýa bolmasa döredijiligi baýamagyñ serişdesidir öýdüp ýören artistpisint şahyrsumaklaram ilçilikde tapylman duranok. Geñ.*

*Dünýä döräni bäri bir aýdyñ hakykat bar: Döredijilik dünýäsi at gazanmagyñ, tanalmagyñ ýa bolmasa baýamagyñ pikirinde gezýänleriñ ýaşajak dünýäsi däl. Döredijiligiñ oklaw ýaly göni ýoly durmuşyñ bular ýaly aýlawly, alagarañky ýollary bilen kesişmeýär.)*

Kerim Gurbannepesow «Tomus ýazgylarynda» we goşgularynyñ birinde aýdymçynyñ şahsyýet bolmalydygyny, onuñam edil ýazyjy-şahyryñ öz döredijiligine jogapkär we talapkär

çemeleşmelidigini aýdýar. Aýdymçy şahsyýet bolsa, oňa ýetesi zat ýok. Şahsyýet derejesine göterilen bagşy ýaşan döwrüniñ sosial hereketleriniñem başyny çekip ýa-da ýiti täsirini ýetirip bilýär. Gerek ýerinde ýaş zehinleriñ ýüze çykarylmagy üçin elinden gelen tagallany edýärler. Gerek bolsa gazanan millionlap dollaryny garyp-gasarlara paýlap ýa-da mugtuna konsertleri-de berip bilýärler. Meselem, Maýkl Jekson ýaly! Teodorakis we Zülfü Liwaneli ýaly! Meselem Neşet Ertaş we Selda Bagjan ýaly, Ahmet Kaýa ýaly! Meselem Alla Pugaçýowa ýaly! Biziñ Şükür bagşymyz, Çuwal bagşymyz, Aşyk Çañlymyz, Nurberdi Gulumyz, Sahy Jepbarymyz, Myrat Diwanamyz ýaly! Emma Kerim şahyryñ ikinji talabyny bolsa aýdymçylardan tama edip bolmaýar.



*Myrat Diwanaýew*

Allaýar Çüriýewiñ gündeliklerinde aýdym-saz sungatynyñ taryhyny öwreniji alym Çaryýar Jumaýew bilen arasynda bolan şeýleräk gürrüñe gabat gelipdim. Allaýar aga «Bagşylaryñ

ahlagy» diýen kitabyň gürrüňi açylanda, Çaryýar Jumaýewiň «bagşylaryňam bir ahlagy bormy?» diýip gülendigini ýatlaýar.

* * *

Çeper edebiýat hakynda ýokarda aýdanlarymyň tersini subut edip biljek ýene bir hakykaty-da ýatdan çykarmazlyk gerek. Ýaňy aýdymçynyň sözüň doly manysyndaky aýdymçy hökmünde orta çykmagy üçin oňa gowy kompozitor bilen gowy şahyryň duşmalydygyny öňe sürüpdik. Bu faktor käbir ýerde çeper edebiýat babatda alanymyzda-da güýje girýär. Sungatyň hemme ugurlarynyň gyradeň pajarlap ösýän ýerinde çeper edebiýatyň okyjysynyň az bolmagyndan heder etmegiň geregi-de bolmaýar. Muňa mysal Berdi Kerbabaýewiň «Aýgytly ädimi».
Romany Soýuz derejesinde meşhurlyga ýetirmekde adybir kinofilmiň hem hyzmaty az däl. Onuň operasy diýjekmi, spektakly diýjekmi, kinofilmde ýerine ýetirilen aýdymlar diýjekmi… Režissýoryň ussatlygynyň gürrüňini etjekmi ýa kompozitoryň geniallygynyň? Aktýorlaryň ussatlygynyň özi hiç gutarmajak söhbet…
Magtymgulyny we beýleki klassyky şahyrlarymyzy, halk dessanlarymyzy zamananyň iň gowgaly döwürlerinden, türkmeniň iň dagynyk we hat-ýazuwsyz ýaşan ýyllaryndan biziň günlerimize aman-sag ýetirenem bagşylar. Eger şolaryň sowady häzirki aýdymçylaryňky ýaly ýabygorly bolsa-ha, elimize nähili şama-şaýyrdylyklaryň gelip ýetjegini göz öňüne-de getirip bilemok.
Görşümiz ýaly, sungatyň hemme ugry biri-birine baglanyşykly. Ony biri-birinden aýry göz öňüne getirip bolmaýar. Aýdym-saz sungaty